Türkmenistanyň Merkezi banky
Центральный банк Туркменистана

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК

## 2023-nji ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýyna
### на 1 января 2023 года

Aşgabat 2023

# Mazmuny / Содержание

## SELJERIŞ MAKALALARY

ÝURDUMYZDA ELEKTRON-SÖWDA ULGAMY KÄMILLEŞDIRILÝÄR
3

BANK IŞINI DIWERSIFIKASIÝAŞALDYRMAGYŇ ESASY UGURLARY
6

BANK ULGAMY HALKYŇ HYZMATYNDA
8

DOLANDYRYŞYŇ INNOWASIÝALARA DAÝANÝAN USULLARYNYŇ ORNAŞDYRYLMAGY
10

SANLY BANK HYZMATLARYNYŇ KÄMILLEŞDIRILMEGI
12

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ

TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
15

TABLISALAR
ТАБЛИЦЫ
17

# SELJERIŞ MAKALALARY

# ÝURDUMYZDA ELEKTRON-SÖWDA ULGAMY KÄMILLEŞDIRILÝÄR

Öňdebaryjy tehnologiýalaryň günsaýyn kämilleşýän döwründe milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryna sanly ulgam giňden ornaşdyrylýar. Ilata edilýän hyzmatlaryň tölegleri sanlylaşdyrylyp, sanly marketing, sanly täjirçilik, sanly aragatnaşyk ýaly möhüm ähmiýetli işler durmuşa geçirilýär. Sanly ulgamyň amatly mümkinçilikleriniň hatarynda elektron söwda hyzmaty halkymyz üçin örän bähbitli hem elýeterlidir. «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynyň», şeýle-de Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň» üstünlikli durmuşa geçirilmegi bilen, ýurdumyzda internet söwda dükanlary döredilip, onlaýn söwda hyzmatlary giň gerimde ýola goýuldy.

Dünýäde giňden ýaýran sanlylaşdyrmak işleri adamzadyň gündelik durmuşynda edýän işlerinde düýpli özgerişleriň gazanylmagyny şertlendirýär. Sanly tehnologiýalar durnukly ösüşiň köp sanly meselelerini aýratynlykda, ugurlar boýunça çözmekde özboluşly gural bolup çykyş edýär. Bu bazar dünýäde iň çalt ösýän ulgam bolmak bilen, adamlaryň ýaşaýyş şertleriniň üýtgemegine we kämilleşmegine getirýär. Sanly ykdysadyýetiň görkezijileri pudaklaryň özgerdilmegi bilen bir hatarda, täze bazarlaryň döremegi üçin hem döwrebap ugurlary kesgitleýär. Ösen döwürde önüm öndürijiler (telekeçiler, täjirler) sarp edijiler bilen gönüden-göni aragatnaşyk saklaýar. Munuň üçin alyjylaryň isleglerini öwrenmekde we kanagatlandyrmakda elektron söwda mümkinçiliklerinden peýdalanylyp başlandy.

Elektron söwda — internet arkaly harytlardyr-hyzmatlary satmak, satyn almak, paýlamak, mahabatlandyrmak bilen baglanyşykly täjirçilik işidir. Adatça, häzirki global tor ulgamynda dürli görnüşli onlaýn täjirçilik amalynyň bir görnüşi.

Elektron söwda ulgamyna onlaýn satuw, internet-bank, dürli görnüşli petekleri satyn almak, myhmanhanalarda otaglara sargyt işleri, internet arkaly tölegleri geçirmekde käbir amallar, marketing we mahabat ýaly ykdysady taglymatlar degişlidir. Ykdysady nukdaýnazardan seredilende, elektron söwda üç basgançakda amala aşyrylýar: internet ulgamy arkaly habar berilýär, maglumat bazasynda saklanýar we alyjy (hyrydar) önüm ýa-da hyzmat bilen üpjün edilýär. Elektron söwda kärhananyň önümçilik maksatlaryna baglylykda aşakdaky görnüşlere bölünýär:

1. «Telekeçilik işewürlik üçin». Bazarda hereket edýän kärhanadyr guramalaryň arasyndaky söwda gatnaşyklary. Kärhanalar, kompaniýalar we beýleki önüm öndürijiler biri-biri bilen aragatnaşykda bolýar, ýagny harytlary satmak, satyn almak, hyzmatlary ýerine ýetirmek üçin hyzmatdaşlyk şertnamalaryny baglaşýarlar. Şunda ýörite niýetlenen internet sahypalary ulanýarlar.

2. «Telekeçilik sarp ediji üçin». Kärhanalar bilen sarp edijileriň arasyndaky haryt we hyzmat söwdasyny öz içine alýar. Bu bölek söwdanyň bir görnüşi bolmak bilen, onda onlaýn dükanlaryndan müşderilere öýünden ýa-da iş ýerinden dürli görnüşli harytlary sargyt etmäge, degişlilikde eltip bermek hyzmatyndan peýdalanmaga şert döreýär. Elektron söwdanyň bu görnüşi önüm öndürijilere, şol bir ýagdaýda sarp edijilere maliýe serişdelerini tygşytlamaga mümkinçilik berýär.

3. «Döwlet telekeçilik üçin». Hususyýetçiler bilen döwlet edaralarynyň arasynda ýüze çykýan ykdysady gatnaşyklar. Muňa Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň internet saýty aýdyň mysaldyr. Onda onlaýn amallaryň görnüşleri ýerine ýetirilýär we yzygiderli tenderlerdir auksionlar yglan edilýär.

4. «Sarp ediji üçin sarp ediji». Bu görnüşde «nesipetsin.com», «kamilmarket.com», «ynamdar.com», «gipertm.com» ýaly köpugurly harytlary we «halkmarket.com.tm», «akyol.com.tm» we.ş.m ýaly bir ugra ýöriteleşen onlaýn bazarlarda harytlardyr hyzmatlar üçin internet sahypalary, öýjükli el telefonlaryna niýetlenen programma üpjünçilikleri arkaly söwda, şeýle-de mahabat işleri ýerine ýetirilýär.

5. «Döwlet raýatlar üçin». Döwlet onlaýn hyzmatlary arkaly ilata maglumat elýeterliligi üpjün edýär. Mysal üçin, şahsy we ýuridik taraplara salgytlaryny, jerimelerini menzil geçmezden tölemek, täjirçilik, telekeçilik işi üçin hasaba almak, rugsatnamalary bermek, iş gözleýän raýatlara iş ýerlerini saýlamaga mümkinçilik döretmek ýaly ýeňilliklerden peýdalanylmagy bellemek bolar.

6. «Sarp ediji üçin kärhana». Müşderiniň harytlaryň we hyzmatlaryň bahasyny kesgitleýän ýagdaýy. Şunda sarp ediji teklip edilýän önümi satyn almak isleýän bahasyny ses bermek arkaly aýdyp bilýär. Önüm öndüriji tarapyndan harydy satmak ýa-da satmazlyk baradaky kararyň netijesinde amal ýerine ýetirilýär.

7. «Telekeçiden telekeçä we sarp edijä». Elektron söwdanyň iki görnüşini birleşdirýän bu ýagdaýda, bir kärhana tarapyndan daşary ýurtdan haryt sargytlaryny ibermek üçin daşaýjy kompaniýalar bilen üçtaraplaýyn şertnama baglaşylýar. Bu ýerde üznüksiz ykdysady zynjyr emele gelýär: satyjy kärhana (kompaniýa) — ammar ýa-da ugradyjy — alyjy (sarp ediji).

8. «Birža üçin birža». Elektron söwdanyň bu görnüşiniň aglaba bölegini daşary ýurt pul alyş-çalyşy we gymmatly kagyzlaryň söwdasy tutýar. Elektron söwdanyň elementleri hökmünde web sahypalary, onlaýn dükanlar, özüne çekiji kanallar (maksatly mahabatlar), sargyt bölümleri, müşderi hyzmatlary, satuw bölümleri, harytlary satyn almak we eltip bermek hyzmatlary çykyş edýär.

Ýeri gelende bellesek, elektron söwdanyň üznüksiz zynjyry on ädimde amal edilýär. Birinji ädimde, alyjy (hyrydar) internetde onlaýn kataloga göz aýlamak bilen isleýän önümini saýlaýar. Ikinji ädimde, müşderiniň (alyjynyň) haýyşy kabul edilip dolandyryja habar iberilýär. Üçünji ädimde, dolandyryjy (menejer) ammardaky harytlaryň elýeterliligi barada maglumat bazasyny barlaýar. Eger haryt ýok bolsa, ammara getiriljek wagtyny anyklaýar we müşderä habar berýär. Dördünji ädimde, ätiýaçdaky harytlar barlanylýar we degişli işgär tarapyndan bu barada dolandyryja habar berilýär. Bäşinji ädimde, maliýe ulgamyna ýüzlenilip müşderiniň (alyjynyň) tölege ukyplylygy barlanylýar. Altynjy ädimde, maliýe ulgamynyň netijesi boýunça müşderiniň sargydy kabul edilýär, kä ýagdaýlarda hasabyndaky serişdeler ýetmedik halatynda geleşige rugsat berilmeýär. Ýedinji ädimde, tölegiň üstünlikli ýerine ýetirilendigi baradaky habar alyjynyň (müşderiniň) salgysyna ugradylýar. Sekizinji ädimde, sargyt ammara iberilip müşderiniň salgysyna ugratmak üçin harytlar taýýarlanylýar. Dokuzynjy ädimde, degişli bölümiň işgärleri harytlary daşaýjylar (eltip bermek hyzmatyny ýerine ýetirýän işgär) müşderä ýetirýärler. Jemleýji onunjy ädimde, ammardan sargyt ugradylan soň, serwer tarapyndan müşderä awtomatiki usulda harytlaryň gidendigi barada telefon belgisine (SMS) arkaly habar iberilýär.

Ylmy-tehniki ösüşiň döwrebaplaşýan döwründe söwdanyň elektron görnüşi ilat köpçüligine ykdysady taýdan wagty tygşytlama kanunyna esaslanyp bir wagtda birnäçe amallary ýerine ýetirmäge, şol bir wagtda maliýe serişdelerini hem tygşytlamaga şert döredýär. Indi amallaryň elektron görnüşlerine ykdysadyýetimiziň pudaklarynyň aglabasynda duş gelmek bolýar. Döwletimizde sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň konsepsiýasyna we Maksatnamasyna laýyklykda döwletli başlangyçlar rowaçlanýar. Sanly ykdysadyýetiň görkezijileri

her bir ädimde ýakyn ýardamçymyz bolup hyzmat edýär.

Bu günki gün jemagat hyzmatlary üçin tölegleri, kärende tölegleri, karz serişdeleri we olara hasaplanan göterimleri, myhmanhanalarda otaglary öňünden sargyt etmek işleri, demir ýollary, howa ýollary, we awtobuslaryň peteklerini satyn almak, teatrlar we kinoteatrlar üçin petekleri satyn almak ýa-da elektron kitaplary ýükläp almak üçin onlaýn hyzmatlar raýatlarymyz üçin amatly bahadan elýeterlidir.

Elektron söwdanyň esasy aýratynlygy hökmünde şulary görkezmek bolar: birinjiden, satyjylaryň (täjirleriň) çykdajylary (harajatlary) beýleki bazarlarda hereket edenden az sarp edilýär. Çünki elektron söwdada internet torunda onlaýn dükan açmak ýeterlik. Önüm öndürmek we önümçilik gurnamak üçin kärendesine ýer almak, onlarça işgärleri saklamak zerurlygy ýok. Ähli işler awtomatlaşdyrylyp, diňe harytlary eltip bermek hyzmaty üçin işgär saklansa ýeterlikdir. Netijede, önümleriň ýa-da hyzmatlaryň bahasyna täsir edýän goşulan gymmatynyň, sarp ediji bilen geleşik çykdajylarynyň möçberi azalýar we ýokary girdeji almaga şert döreýär. Ikinjiden, internet ulgamy özüne müňlerçe adamyny jemleýär. Siz öz harytdyr hyzmatlaryňyz bilen diňe ýurduň çägindäki däl, eýsem daşarky sarp edijileri hem bökdençsiz tanyşdyryp bilersiňiz. Eger isleg dörän halatynda eltip bermek hyzmatyny tranzit kompaniýalaryň üsti bilen ugratmaga hem mümkinçilik bar. Üçünjiden, önüm öndürýän bolsaňyz onda dellallary goşmazdan sarp ediji (hyrydar) bilen gönüden-göni işlemäge mümkinçilik berýär. Bu satyjy bilen alyjynyň arasynda göni kanaly döredýär we öz gezeginde harytlaryň bahasyna, hyzmatyň hiline hem mynasyp täsirini ýetirýär.

Mahlasy söwdanyň elektron görnüşiniň ýurdumyzda ornaşdyrylyp, yzygiderli kämilleşdirilmegi, ilatyň hal-ýagdaýynyň has-da gowulanmagyna, sarp edijileriň sanynyň artmagyna, döwletiň wezipelerini ýerine ýetirmeginde amatlyklaryň döremegine, daşarky sarp edijiler bilen söwda-ykdysady gatnaşyklaryň berkemegine, şol bir hatarda ýurtda ykdysady ösüşiň gazanylmagyna mümkinçilik döredýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyzyň ýaşaýyş-durmuşynyň has-da gowulandyrylmagy ugrunda tagalla edýän Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Serdarymyza alkyşlarymyz bimöçberdir.

**Jumageldi SALAMOW,**
**Orazjemal MYRADOWA,**
Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymlary

## SELJERIŞ MAKALALARY

# BANK IŞINI DIWERSIFIKASIÝALAŞDYRMAGYŇ ESASY UGURLARY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň ilatynyň durmuş-ykdysady ýagdaýynyň ýokarlandyrylmagyna gönükdirilen ägirt uly özgertmeler durmuşa geçirilýär. Döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hem bank hyzmatlarynyň kämilleşdirilmegi we diwersifikasiýalaşdyrylmagy bolup çykyş edýär. Bank hyzmatlaryny kämilleşdirmegiň mümkinçilikleri «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022-2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» beýan edilýär.

Bank hyzmatlaryny diwersifikasiýalaşdyrmak syýasatyny iş ýüzünde ulanmaga birnaçe sebäpler itergi berýär. Olaryň hatarynda bank töwekgelçiliklerini peseltmegiň hem-de täze bank önümlerini ornaşdyrmagyň zerurlygyny görkezmek bolar.

Soňky ýyllarda öňdebaryjy döwletleriň iş tejribesine laýyklykda bank işiniň diwersifikasiýalaşdyrylmagy şu aşakdaky esasy ugurlar boýunça amala aşyrylýar:

1. Içerki bazarda pul serişdelerini çekmegiň görnüşleriniň we usullarynyň diwersifikalaşdyrmak, ýagny pul serişdelerini çekmek boýunça amallary işjeň ýagdaýda diwersifisirlemek. Bu ýerde banklar bergi borçnamalarynyň nominal bahasyny, ony satyn almagyň we üzlüşmegiň şertlerini özgertmek arkaly, bu gymmatly kagyzlar bilen geçirilýän amallaryň gerimini giňeldýärler; müşderileriň serişdelerini ynançly dolandyrmak boýunça, şeýle hem fiziki we ýuridik şahslaryň goýumlary boýunça amallar ulgamyny kämilleşdirýärler.

2. Bank aktiwlerini diwersifikasiýaladyrmak, ýagny, aýry-aýry karz alyjylaryň karzlaryny gaýtarmaga ukypsyzlyklary bilen bagly karz töwekgelçiliklerini azaltmak maksady bilen, karz serişdelerini köp sanly karz alyjylaryň arasynda paýlamak.

3. Hasaplaşyklaryň üznüksizligini üpjün etmek we olary walýuta töwekgelçiliklerinden goramak maksady bilen, dürli daşary ýurt walýutalarynda gorlary döretmek bilen banklaryň daşary ýurt pul gorlaryny diwersifikasiýalaşdyrmak.

4. Gymmatly kagyzlar bilen geçirilýän amallary diwersifikasiýalaşdyrmak, ýagny, bar bolan maýalary, ykdysady töwekgelçilikleri peseltmek maksady bilen, görnüşleri, pudaklary, üzlüşmegiň möhletleri boýunça tapawutlanýan gymmatly kagyzlary satyn almak üçin peýdalanmak.

5. Müşderilere hödürlenýän önümleriň we hyzmatlaryň gerimini giňeltmek. Fiziki we ýuridik şahslaryň serişdelerini ynamly dolandyrmak, buhgalter we ýuridik konsalting, girdejileri azaltmaklygyň shemalaryny işläp taýýarlamak we beýleki bank hyzmatlarynyň görnüşlerini hödürlemek boýunça işler alnyp barylýar.

6. Bank hyzmatlaryny diwersifikasiýalaşdyrmak maksady bilen, banklaryň sebitlere tarap işjeň hereket etmegini, milli serhetleriň çäklerinden çykmak, goşmaça pul gorlaryny çekmek üçin netijeli infrastrukturany döretmek, täze müşderileri banka çekmegiň hasabyna müşderi binýadynyň gerimini giňeltmäge mümkinçilik berýär.

Görkezilen ugurlar has giňişleýin häsiýetlendirilen ýagdaýynda, içerki bazarda pul serişdeleri çekmegi diwersifikasiýalaşdyrmagyň görnüşleri we usullary, bankyň passiwlerini netijeli dolandyrmagyň esasy maksady bolup iň az çykdajyly serişdeleri banka çekmek boýunça işleriň geçirilmegi bolup çykyş edýär.

Bank aktiwlerine ýerleşdirmek üçin ygtybarlylyk derejesi boýunça çekilen serişdeleri şu aşakdaky ýaly tertipde görkezmek bolar:

- ýuridik şahslaryň depozitleri, wekseller we depozit sertifikatlaryň esasynda çekilen serişdeler;
- fiziki şahslaryň möhletli goýumlary;
- fiziki şahslaryň talap edilýänçä goýumlary, bank kartlary boýunça hasaplaşyklar üçin hasaplardaky galyndylar, ýuridik şahslaryň hasaplaşyk hasaplaryndaky galyndylar, şeýle hem bank-korrespondentleriň hasaplaryndaky galyndylar.

Banklar fiziki we ýuridik şahslaryň serişdelerini öz dolanyşygyna çekmek maksady bilen, giň gerimli çäreler toplumyny işläp taýýarlaýarlar. Pul serişdeleri banka çekmek üçin banklaryň arasyndaky bäsleşigiň wajyp serişdesi hökmünde göterim syýasaty çykyş edýär, çünki goýlan serişdelere girdejiniň ululygy müşderileriň erkin pul serişdelerini goýumlara ýerleşdirmek üçin höweslendiriji serişde hökmünde hyzmat edýär.

Möhletli goýumlar boýunça göterim derejesi kesgitlenilende kesgitleýji faktor hökmünde serişdeleriň ýerleşdirilýän möhleti çykyş edýär: möhlet näçe uzak boldugyça, göterim derejesi şonçada ýokary bolýar. Goýumyň möçberi hem wajyp faktorlaryň biri hasaplanylýar. Şeýlelikde, goýumyň möçberiniň ýokarylygy we möhletiniň uzaklygy, şeýle hem göterim boýunça girdejini tölemegiň ýygylygy göterim derejesiniň ýokarlanmagyna täsirini ýetirýär. Şeýlelik bilen, karz edaralary fiziki we fiziki şahslaryň serişdelerini öz dolanyşygyna çekmek maksady bilen, diwersifikasiýalaşdyryş çäreleriň toplumyny, şol sanda çeýe göterim syýasatyny işläp taýýarlaýarlar, giň gerimli mahabatlandyryş işlerini ýerine ýetirýärler. Mundan başga-da daşyndan çekilen serişdeleri dürli görnüşli aktiwlere ýerleşdirmek arkaly bank töwekgelçiliklerini peseldýärler. Karz edaralary ilkinji nobatda ýitgileriň töwekgelçiliklerini peseltmek we has ýokary girdeji gazanmak maksady bilen, ykdysadyýete goýulýan ýa-da karz berilýän pul serişdelerini obýektleriň arasynda paýlamak işlerini hem geçirýärler.

Bankyň diwersifikasiýalaşdyryş syýasatyna aktiwleri saýlap almagyň hasabyna bank töwekgelçiligini dolandyrmagyň bir usuly diýip kesgitläp bolar. Diwersifikasiýanyň mehanizmi, ilkinji nobatda, bank töwekgelçilikleriň dürli görnüşleriniň bolup biläýjek oňaýsyz netijelerini gowşatmak üçin ulanylýar. Maýalary goýmagyň ýa-da çekmegiň anyk obýektlerini saýlap almak bilen bagly bolmadyk daşarky faktorlaryň bankyň işine täsir edýänligi bilen baglydyr, sebäbi bu faktorlara diwersifikasiýa hem täsir etmeýär. Şol sebäpli, bu mehanizmiň peýdalanylmagy bankda çäkli häsiýete eýe bolup durýar. Diwersifikasiýa bank töwekgelçiliginiň derejesini peseltmegiň has esaslandyrylan we ýeterlik derejede az harajatly usuly bolup durýar.

Milli ykdysadyýetimiz häzirki wagtda çalt depginler bilen ösýär hem-de dünýä bazaryndaky innowasiýalaryna laýyklykda üýtgeýär. Ýurduň ykdysadyýetini sanlylaşdyrmak bütindünýä internet tory arkaly hödürlenýän bank hyzmatlaryň görnüşlerini kämilleşdirmäge we diwersifikasiýalaşdyrmaga gönükdirilendir. Bu işleriň ählisi ýurdumyzyň her bir raýatynyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň has-da gowulanmagyna niýetlenendir. Öňdebaryjy innowasiýalaryň ornaşdyrylmagy ilatyň durmuş-ykdysady ýagdaýyny has-da gowulandyrar, şeýle hem milli ykdysadyýetimiziň diwersifikasiýalaşdyrlyp ösdürilmegini üpjün eder.

**Aýlar HOJANEPESOWA,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet
we dolandyryş institutynyň uly mugallymy

**Eneş ABRAÝEWA,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet
we dolandyryş institutynyň talyby

## SELJERIŞ MAKALALARY

# BANK ULGAMY HALKYŇ HYZMATYNDA

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň saýasynda halkymyz asuda we bagtyýar durmuşda ýaşaýar, milli ykdysadyýetimiziň durnukly ösüşi üpjün edilýär.

Milli ykdysadyýetimiziň bazar gatnaşyklaryna geçýän döwründe ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek ugrunda diwersifikasiýalaşdyrylan, bäsdeşlige ukyply, innowasion ösüşini üpjün etmek üçin maliýe we bank ulgamlarynyň durnukly bolmagyny gazanmak wajyp bolup durýar.

Ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynyň diwersifikasiýalaşdyrlyp ösdürilmeginde bank ulgamynyň orny aýratyn bellenmäge mynasypdyr. Bank ulgamy bazar ykdysadyýetiniň wajyp düzüm bölegi bolmak bilen, onuň işiniň netijesinde uly möçberlerde pul serişdeleri dolanyşykda bolýar, erkin pul serişdelerini dolanyşyga girizmek arkaly giňeldilen üznüksiz önümçiligi alyp barmak üçin maýa goýumlaryň çeşmeleri emele gelýär.

Bank ulgamynyň ösüşi we haryt önümçiligi pudagy biri-biri bilen ýakyn baglanyşyklydyr. Şol bir wagtyň özünde, banklar pul hasaplaşyklaryny geçirmek, ykdysadyýeti karzlaşdyrmak, maýanyň paýlanyşynda araçy hökmünde çykyş etmek bilen önümçiligiň umumy netijeliligini ep-esli ýokarlandyrýar we jemgyýetçilik zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna goşant goşýar.

Maliýe durnuklylygyny saklamak we berkitmek ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň girewi bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, milli ykdysadyýetiň ykdysady, maliýe we bank ulgamlaryny kadaly ösdürmek wajyp ähmiýete eýedir.

Hormatly Prezidentimiziň ykdysady strategiýasynyň talaplaryna laýyk gelýän maliýe-karz ulgamyny döretmek, bu ugurdan sebitde öňdebaryjy orunlary eýelemek babatynda ähli mümkinçilikler bar. Ykdysadyýetiň maliýe-karz böleginiň ösüşiniň strategiki maksatlary bolup, býujetiň deňagramlylygyny üpjün etmek, býujet we salgyt syýasatlarynda emele geljek ýagdaýlary öňünden kesgitlenilmegini gazanmak, has ygtybarly we ýokary netijeli karz ulgamyny döretmek ýaly wezipeler çykyş edýärler.

Ýurdumyzyň karz edaralaryna şahsy we edara görnüşli taraplardan pul serişdelerini çekmek hem-de ykdysadyýetiň dürli pudaklaryna netijeli ýerleşdirmek, ýagny karzlaşdyrmak bilen bagly çäreleriň işjeň durmuşa geçirilmegi milli ykdysadyýetiň ýokary depginli ösdürilmegine, milli manadymyzyň hümmetiniň barha berkidilmegine, goýumçylaryň we müşderileriň bähbitleriniň goraglylygynyň berjaý edilmegine ýardam berýär.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň bank ulgamy tarapyndan pul dolanyşygynyň netijeliligini has-da kämilleşdirmek üçin, ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan halkara tejribesiniň öňdebaryjy innowasion tehnologiýalaryna esaslanýan nagt däl hasaplaşyklary barha ýaýbaňlandyrmak boýunça degişli işler yzygiderli alnyp barylýar. Ýurdumyzyň çäginde raýatlarymyz «Altyn asyr», «Millikart», «Maşgala», «Milli VISA», «Goýum bank karty», «Owerdraft karty», şeýle hem halkara «VISA» we «MasterCard» bank kartlaryny peýdalanmak arkaly dürli görnüşli nagt däl hasaplaşyklaryň giň mümkinçiliklerinden peýdalanýarlar. Mundan başga-da ýurdumyzyň karz edaralarynda sanly ulgamyň ornalaşdyrylmagy, milli ykdysadyýetimiziň ösdürilmeginiň uzak möhletli ösüşine ýardam edýän netijeli ulgamlary ösdürmek üçin giň mümkinçilikleri açýar we döwletimiziň ykdysadyýetiniň durnukly ösüşini gazanmakda esasy wezipeleriň biri bolup durýar.

Döredilýän şeýle amatly mümkinçiliklere mysal hökmünde bank karzlaryndan peýdalan-

mak isleýän raýatlaryň banklaryň resmi internet sahypalarynda ýerleşdirilen onlaýn ýüzlenme hyzmatyny görkezmek bolar. Hyzmatdan netijeli peýdalanmak müşderileriň gymmatly wagtlaryny we harajatlaryny tygşytlamagyna ýardam berýär. Bank kartlary arkaly ýerine ýetirilýän amallaryň sanynyň yzygiderli artdyrylmagy, sanly ulgamda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda», «Halkbank terminal» ulgamlary arkaly amallaryň ýerine ýetirilmegi, internetiň giň mümkinçilikleriniň hödürlenilmegi halkyň artýan isleglerini kanagatlandyrmaga gönükdirilendir.

Bank kartlarynyň üsti bilen töleg terminallary, şeýle hem «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda» hyzmatlary arkaly ýerine ýetirilýän nagt däl tölegleriň gerimini giňeltmek, hilini has-da ýokarlandyrmak boýunça amala aşyrylýan işlere mysal hökmünde jemgyýetçilik awtobuslarynyň petekleri üçin tölegleri, poçta, söwda we jemgyýetçilik iýmiti, aragatnaşyk, ýaşaýyş jaý, jemagat hyzmatlarynyň, saglygy goraýyş edaralarynyň hyzmatlarynyň, awtoulag ýangyjy, tebigy gaz, elektrik togy, agyz suwy üçin tölegleri, karzyň esasy bergisini we oňa hasaplanan göterimlerini tölemek we beýlekileri görkezmek bolar. «Internet-bank» hem-de «Mobil-bank» hyzmatlary müşderiniň bank amallaryna we hyzmatlaryna bolan isleglerini kanagatlandyrmaga, şol sanda, pul geçirimlerini ýeňilleşdirmäge, geçirilýän amallary gözegçilikde saklamaga, hasaplaşyklar geçirilende wagty tygşytlamaga amatly mümkinçilikleri döredýär. Günüň islendik sagadynda banka ýüz tutmazdan «Internet-bank» we «Mobil-bank» ulgamlary arkaly amala aşyrylýan hyzmatlar banklary ilata has hem ýakynlaşdyrýar. Häzirki wagtda «Altyn asyr» bank kartynyň eýelerine öz hyzmat edýän banklarynyň internet sahypalaryna girmek arkaly bank kartlaryny özbaşdak «Internet-bank» hyzmatyna birikdirip bilýär. Şeýle hem internet ulgamynyň üsti bilen öýlerinden çykman harytlar we hyzmatlar üçin tölegleri, ýagny, dürli egin-eşikleri, elektronika we hojalyk harytlary üçin internet ulgamynyň üsti bilen özbaşdak saýlap, töläp, hem-de olary satyn alyp bilýärler.

Nagt däl görnüşde geçirilýän hasaplaşyklary höweslendirmek, nagt däl pul dolanyşygynyň möçberini artdyrmak maksady bilen ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan «Cash back» hyzmaty hem ýola goýuldy. Bu hyzmat arkaly nagt däl görnüşde söwda edilende täjirçilik banklar tarapyndan kesgitlenen möçberdäki göterim pul sylagy hökmünde müşderä yzyna gaýtarylýar. Bank kartlaryň ýerine ýetirýän hyzmatlarynyň biri-birinden tapawutly bolmagy bäsdeşligiň döremegine getirip, halka has bähbitli hyzmatlary hödürlemäge itergi berjekdigini, halkymyza bank kartlaryna bolan islegleriniň mundan beýläk hem artjakdygyny ynamly aýdyp bolar.

Halkymyzyň abadançylygy, rowaçlygy milli ykdysadyýetimiziň diwersifikasiýalaşdyrlyp ösdürilmegi ugrunda ýadawsyz tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli alyp barýan işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Ogulmähri REJEPOWA,**
Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky
Döwlet gullugy akademiýasynyň
Ykdysadyýet we maliýe kafedrasynyň müdiriniň w.w.ý.ý.

## SELJERIŞ MAKALALARY

# DOLANDYRYŞYŇ INNOWASIÝALARA DAÝANÝAN USULLARYNYŇ ORNAŞDYRYLMAGY

Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň syýasy, ykdysady, medeni we durmuş taýdan ýokary depginli ösüşini üpjün etmek, milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýalaşdyryp ösdürmek, dolandyryşyň täze, has netijeli usullaryny bazar ykdysadyýeti şertlerinde ornaşdyrmagy dowam etdirmekde bank ulgamynyň üstünlikli işlemegine, esasan hem, bankyň tejribeli hünärmenlerine bagly bolup durýar.

Bank ulgamynyň öňünde goýulýan ösüş maksatnamalaryny durmuşa geçirmek, bank işini ýokary hilli we netijeli ýerine ýetirmekleri üçin bank ugry boýunça ýokary we ýörite orta okuw mekdeplerinde hünärmenleri taýýarlamak boýunça geçirilýän çäreleriň çäklerinde ýurdumyzda ýaş nesliň ösen döwrüň talaplaryna laýyk derejede bilimli, terbiýeli, sagdyn bolmagy, hünär almagy ugrunda degişli işler durmuşa geçirmekde TMB-niň Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow adyndaky Ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň hem aýratyn goşandy bar. Ýöriteleşdirilen bank mekdebinde «Bank amallarynyň tehnologiýasy», Bank karzlaşdyrmasy» we «Banklarda buhgalterçilik hasaba alnyşy» hünärleri boýunça hünärmenler taýýarlanylýar. Talyplara hil taýdan ýokary derejede bilim berilmegine aýratyn üns berilýär. Bilim bermegiň öňde baryjy usullaryny ulanmakda we talyplary maglumat binýady bilen üpjün etmekde hem degişli işler alnyp barylýar.

Ýurdumyzda «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyna» laýyklykda bilim edaralarynyň işini has-da kämilleşdirmek, bilim bermegiň ähli basgançaklaryny ýokary hilli elektron bilim maglumatlary bilen üpjün etmek, berilýän bilimiň mazmunyny baýlaşdyrmakdan, hilini ýokarlandyrmakdan we okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek, sanly serişdeleri giňden peýdalanyp, berilýän bilimiň mazmunyny baýlaşdyrmak, hiliniň dünýä derejesine laýyk bolmagyny üpjün etmek boýunça işler yzygiderli alnyp barylýar.

Ýaşlaryň dünýä ölçeglerine laýyk bilim almagynyň hem-de ýurdumyzyň ykdysady, syýasy, medeni durmuşyna mynasyp goşant goşmagynyň, dünýäniň ylym-bilim ulgamynyň gazananlaryndan habarly, kämil hünärmenler bolup ýetişmeginiň möhüm şertleriniň biri hem olaryň häzirki zaman maglumat tehnologiýalaryny hünär işinde işjeň hem-de netijeli ulanyp bilmegini gazanmakdan ybaratdyr.

Dersler boýunça döwrebap elektron okuw usuly toplumlary (elektron okuw kitaplary, gollanmalary, wideo-audiomateriallary, interaktiw we multimedia programmalary, tanyşdyryşlary, okuw-görkezme esbaplaryny, maglumat kitapçalaryny we beýlekileri) işläp taýýarlamak, bilim edaralarynyň elektron kitaphanalaryny bir bitewi ulgama birikdirmek, maglumat we aragatnaşyk tehnologiýalarynyň peýdalanmak arkaly berilýän bilimiň hilini ýokarlandyrmaklyga ýardam edýär.

Sanly ulgamda «Bulutlaýyn» tehnologiýa», «bilim portal», «elektron okuw», «elektron bilim gory», «elektron maglumat binýady», «elektron hyzmat», «elektron okuw kitaby (gollanmasy)», «maglumat gory», «maglumat banky», «maglumat-aragatnaşyk ulgamy», «maglumat gurşawy», «maglumat-aragatnaşyk tehnologiýasy», «maglumat jemgyýeti», «multimedia tehnologiýasy», «okatmagyň elektron serişdesi», «uzak aralykdan bilim almak» ýaly döwrebap adalgadyr-düşünjeler giňden ullanylýar.

Mysal üçin: «Bulutlaýyn» tehnologiýalaryň üsti bilen gerek bolan maglumatlar islendik wagtda we islendik ýerde tor arkaly üznüksiz hem-de ygtybarly elýeterliligini üpjün edilýär. Bu bolsa öz gezeginde, maglumat gorlarynyň hereketliligini üpjün etmäge, häzirki zaman

programma serişdelerini we hyzmatlaryny ulanmaga mümkinçilik berýär. «Bulutlaýyn» tehnologiýalar maglumatlaryň merkezleşdirilen görnüşde saklanylmagyna we gaýtadan işlenilmegine, olary tapawutlandyrmagyň çeýe ýollaryna esaslanýar.

«Bulutlaýyn» tehnologiýalary sanly ulgam arkaly ösdürmek üçin bilim edaralarynyň ählisiniň ýokary tizlikli internete elýeterliligini üpjün etmek ýörelgeleýin ähmiýete eýedir.

Sanly bilim gorlaryny işläp taýýarlamak babatynda elektron okuw kitaplarynyň we gollanmalarynyň düzülmegi zerurdyr. Onuň üçin bolsa şu aşakdaky çäreler, ýagny:

- okuwça (talyba) täsir etmegiň goşmaça serişdelerini (elektron okuw kitabynyň multimedia düzüm bölekleri, ilkinji nobatda, animasion modelleri, wideo bölekleri) ulanmak;
- bilim işgärleri, okuwçylar we talyplar tarapyndan berilýän soraglara görä bilim ulgamynda ýerleşdirilen maglumatlaryň üstüniň täze maglumatlar bilen doldurylmagyny ýola goýmak;
- öwrenilen maglumatlary barlamak boýunça interaktiw testleriň, animasiýa we aň-düşünjäni artdyrmak üçin oýun hem-de başga görnüşdäki synaglary geçirmek;
- hünär bilim ulgamynda pudaklaryň aýratynlyklaryny nazara alyp, sargytlar boýunça okuwlary guramak üçin maksatlaýyn gorlary doretmek göz öňünde tutulýar.

Ýokarda beýan edilenlere, bilim edaralarynyň internet sahypalaryndan başga-da, internet torunuň www.kitaphana.net salgysynda ýerleşdirilen jemi 49 bölümden ybarat bolan kitapdyr okuw gollanmalarynyň okuwçylar, talyplar we bilim işgärleri üçin elýeterli we ähmiýetli bolup durýan maglumatlar çeşmesini mysal edip görkezip bolar.

Mundan başga-da ýurdumyzda hereket edýän bu ugurdaky kadalaşdyryjy hukuknamalar bilim ulgamynda döwrebap özgertmeleri amala aşyrmaga, bilimiň hiliniň dünýä derejesine laýyk bolmagyny üpjün etmäge, bilim işgärleriniň has netijeli işlemegine, ýaşlara dünýä derejesinde bilim we ylym berilmegine giň ýol açýar.

**Leýli SERDAROWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Türkmenistanyň Gahrymany A.Nyýazow adyndaky
Ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň talyby

# SELJERIŞ MAKALALARY

## SANLY BANK ULGAMYNYŇ KÄMILLEŞDIRILMEGI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň bank işini kadalaşdyrýan kanunçylyk namalaryny halkara ölçeglerine laýyk getirmek ugrundaky işler giň gerimde dowam etdirilýär. Ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek, ilatyň maliýe sowatlylygyny ýokarlandyrmak ugrunda netijeli işler durmuşa geçirilýär.

«Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011 — 2030-njy ýyllar üçin Döwlet Maksatnamasyna» laýyklykda bank ulgamyny ösdürmek, bank işjeňliginiň kadalaşdyryjy hukuk binýadyny kämilleşdirmek, hödürlenýän bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek we hilini has-da ýokarlandyrmak, töleg ulgamyny sanly ulgam arkaly ýeňilleşdirmek we täze kämil görnüşlerini ornaşdyrmak boýunça maksatlaýyn işler alnyp barylýar. Döwlet maksatnamasynda bellenen çäreleriň yzygiderli ýerine ýetirilmegi, ýurdumyzyň sanly ulgama geçişini çaltlandyrmaga, döwletimiziň durmuş-ykdysady ösüşiniň derejesini ýokarlandyrmaga, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmaga ýardam edýär. Sanly tehnologiýalaryň giňden peýdalanylmagy ýurdumyzyň karz edaralarynyň bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga we müşderilere bökdençsiz bank hyzmatlaryny hödürlemäge mümkinçilik berýär.

Amala aşyrylýan özgertmeleriň barşynda bu günki gün ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan öz müşderilerine bank hyzmatlarynyň täze görnüşlerini, ýagny banklar fiziki we ýuridik şahslara, şol sanda hususy telekeçilere dürli görnüşli bank hyzmatlaryny hödürleýärler. Mysal hökmünde ilata hasaplaşyk, goýum hasaplarynyň açylmagyny, hasaplar boýunça pul geçirimleriniň amala aşyrylmagyny, pul serişdeleriniň saklanylmagyny, pul serişdeleri boýunça müşderilere we ynanylan wekiline degişli tassyknamalaryň berilmegini, töleg tabşyryklary, çekler, inkasso, akkreditiw, bank kartlary arkaly geçirilýän nagt däl hasaplaşyklary, müşderilere töleg terminallaryň gurnalmagyny, milli we daşary ýurt pulunda serişdeleriň talap edilýänçä we möhletli goýumlara kabul edilmegini, halkara töleg ulgamlarynyň üsti bilen daşary ýurtlara nagt däl görnüşinde tölegleriň geçirilmegini we kabul edilmegini, bank kartlary arkaly ýerine ýetirilýän amallary, hyzmatlaryň beýleki görnüşlerini görkezmek bolar.

Ýurdumyzyň karz edaralary ilatyň erkin pul serişdelerini talap edilýänçä we möhletli goýumlara kabul edýärler, bu bolsa bank serişdeleriniň çeşmesi bolup, goşmaça gymmaty emele getirmäge ýardam berýär. Häzirki wagtda raýatlarymyz karz edaralarynda hereket edýän birnäçe goýum hyzmatlarynyň amatly mümkinçiliklerinden peýdalanýarlar. Dürli ýaş toparlaryna degişli bolan, nagt we nagt däl görnüşinde çekilýän goýumlary muňa mysal hökmünde görkezmek bolar, şeýle-de  karz edaralarynda ýyllyk 5-6% girdejisi bolan «Goýum bank karty» atly goýum hyzmaty girizildi. Raýatlara bu hyzmaty ýurduň islendik bankynda açmak, goýum bank kartlaryna islendik möçberde nagt puly goýmak, töleg amala aşyrmak, kartdan nagt puly almak, bankomatlardan we internet ulgamy arkaly goýumdaky puluň we toplanan göterimiň möçberini bilmek mümkinçiligi döredilen.

Bank kartlarynyň gündelik durmuşymyza ulanyşa girizilmegi bilen birnäçe ýagdaýda wagtymyzy tygşytlamaga şert döredýär. Mysal üçin, şugün telefon aragatnaşyk, jemagat we ýaşaýyş hyzmatlaryny, saglygy goraýyş edaralarynyň hyzmatlary, awiapetekler üçin tölegleri, IP-TV, bank karzy we onuň göterimlerini töleg terminallaryň we bankomatlaryň üsti bilen tiz görnüşde amala aşyrmak mümkin. Internet-bank» we  «Mobil-bank» ulgamlarynyň üsti bilen, ykjam aragatnaşyk hyzmatlar üçin tölegi, karzy we onuň göterimlerini tölemek, bir

kartdan beýleki karta pul geçirimini amala aşyrmak hem-de kart hasabynyň hereketini görmek ýaly hyzmatlar hödürlenilýär. Şeýle hem yzygiderli gaýtalanýan tölegleri awtomatlaşdyrmak üçin ýörite mümkinçilik döredilen. Her bir raýat internet toruna birikdirilen şahsy kompýuteri ýa-da ykjam telefon arkaly bu hyzmatlaryň amatlyklaryndan peýdalanyp biler.

Döwrebap bank hyzmatlarynyň täze görnüşleriniň biri hem «Maşgala» bank karty hyzmatydyr. «Maşgala» bank karty «Altyn Asyr» bank karty hasabyna birikdirilmek bilen, müşderiniň islegine baglylykda maşgalanyň her bir agzasyna şol sanda, ýedi ýaşdan uly bolan çagalara açylyp bilner. Müşderiniň arzasy ýa-da internet-bank hyzmaty arkaly maşgalanyň her bir agzasy üçin aýratynlykda hepdelik sarp ediljek pul mukdarynyň möçberini kesgitlemäge mümkinçilik döredilen.

Ýurdumyzyň nagt däl hasaplaşyklarynda kartly töleg ulgamynyň dünýä tejribeleri öwrenilip, öz milli aýratynlyklarymyz esasynda has-da giňeldilip durmuşa ornaşdyrylmagy raýatlarymyz üçin hasaplaşyklary has-da ýönekeýleşdirmäge mümkinçilik döreder. Ýurdumyzyň çäginde bank kartlarynyň giňden ýaýramagy bank ulgamynyň kämilleşmegine, nagt däl hasaplaşyklaryň ösdürilmegine, pul serişdeleriniň dolanyşygynyň çaltlandyrylmagyna we nagt däl pul dolanyşygyna ilatyň nagt serişdeleriniň çekilmegine itergi berýär. Häzirki wagtda ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek we hilini ýokarlandyrmak babatda uly işler alnyp barylýar.




Ýurdumyzda sanly ykdysadyýete geçişiň ikinji tapgyry täze ösüşler bilen dowam edýär. Sanly ykdysadyýete geçmeklik dünýäniň öňdebaryjy döwletleri bilen aýakdaş gitmeklige ýol açýar. Sanlylaşdyrmak täze harytlaryň we hyzmatlaryň peýda bolmagyna getirýär. Sanly bank hyzmatlarynyň üsti bilen bank işjeňligi has-da ýokarlandyrylýar. Nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi artdyrylýar. Karzlaryň täze amatly görnüşleri döredilýär. Häzirki wagtda raýatlar tarapyndan karz almak üçin ýüztutmalary «online» görnüşinde kabul etmeklik hem ýola goýuldy. Alnyp barylýan işleriň çäklerinde ýurdumyzyň raýatlaryna hödürleýän täze karz hyzmatlarynyň biri-de «Owerdraft» atly bank karzydyr.

Bulardan başga-da ýurdumyzyň bank ulgamynyň innowasion häsiýetli ösüşini üpjün etmek, ykdysady taýdan ähmiýetli, netijeli pudaklary karzlaşdyrmak, dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň bank ulgamynyň täze hyzmatlaryny öwrenmek we olaryň netijeliligini milli bank ulgamyna sazlaşykly ornaşdyrmak ugrunda işler üstünlikli alnyp barylýar. Dünýäniň ösen ýurtlarynda ornaşdyrylan, raýatlaryň öýlerinden ýa-da iş ýerlerinden çykmazdan, internet arkaly söwda etmeklik we elektron tölegleri amala aşyrmaklyk, gerekli harytlaryny islendik ýere eltdirmäge mümkinçilikleriň guralmagy adamzadyň iň gymmatly baýlygy bolan wagtyny tygşytlamaga mümkinçilik berýär.

Sanly bank hyzmatlarynyň ösüşi, täze görnüşleri barada köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen teleradioýaýlymlarda, gazet-žurnallarda yzygiderli tanyşdyryş-mahabat işleriniň geçirilmegi beýleki ulgamlarda zähmet çekýän raýatlaryň hem bank hyzmatlarynyň

ähli mümkinçiliklerden peýdalanmaklaryna ýardam berýär we geljekde hem şeýle işleriň ýüzlerçelerini geçirmeklik maksat edinilýär.

Ilata ýokary hilli bank hyzmatlaryny hödürlemek hem-de bank işjeňligini ýokarlandyrmak maksady bilen, bank hünärmenleriniň hünär derejelerini ýokarlandyrmak boýunça yzygiderli çäreler durmuşa geçirilýär. Bank ugry boýunça hünärmenler tarapyndan yzygiderli dünýä tejribeleri öwrenilip, durmuşa ornaşdyrylyp gelinýär. Bu bolsa müşderilere hödürlenilýän hyzmatlaryň hil taýdan kämilleşmeginde özüniň beýanyny tapýar.

Ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan amala aşyrylýan şeýle özgertmeler ýurduň pul-karz ulgamyny kämilleşdirmäge, milli ykdysadyýetimizde pul serişdeleriň dolanyşygynyň netijeliligini ýokarlandyrmaga, ykdysady ösüşiň depginini kuwwatlandyrmaga amatly şertleri döredýär. Bularyň ählisi halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has hem ýokarlandyrmaga, olaryň ýaşaýyş derejesini dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine ýetirmäge gönükdirilendir.

**Annajemal JUMAKULYÝEWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Lebap welaýat şahamçasynyň
Bank gözegçiligi bölüminiň baş hünärmeni,
«Watana bolan söýgi» medalyň eýesi

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI

# Тенденции развития банковской системы Туркменистана

**2023-nji ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat**

**Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 января 2023 г.**




**2023-nji ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat**

**Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 января 2023 г.**




**2023-nji ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany**

**Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 января 2023 года**




**Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)**

**Структура активов кредитных учреждений, (в %)**



## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)
## Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)




## 2023-nji ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýyna Karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
